# Gumanoidler

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gumanoidler GUMANOIDLER



''Bizden ozal dünýämizde (Ýer şarymyzda) has gadymy ösen añ-düşünjeli jemendeler ýaşapdy. Bilgiçlikde aýdylmagyna görä bizden has öňe giden añ-düşünjeli medeniýet ýaşapdyr, biziñ düşünjelerimiz olaryñ ýanynda ''çaga (beýnisi) ýaşy'' ýaly bir zatdyr''.
Ýokardaky iki agyz aýdylan zatlarda welilik daş-töwereklerimiz bilen baglanyşykly pelsepesini düşündirýär. Wanganyñ şol daş töwerekdäkileriñ durmuşy we dünýäden daşardaky barlyklara üns berýändigi bellidir. Onuñ pikiriçe dünýädäki janly tebigatyñ başlangyjy kosmik älemden çeşmelenipdir. Adamlaryñ atalary başga planetalardaky añ-düşünjesi ösen siwilizasiýalardyr. Bir bölegi täze bir görnüş deredýän wagtlary (Atlantisliler), beýlekileri heniz düşünjeli adamlar bilen öz görnüşleriniñ gatyşmasyndan başga bir nesil ýaradypdyrlar. Şu ýerden başlap bilgijiñ pelsepeleri bilen baglanyşykly netije alyp bileris.
1) Wanga şertsiz mümkinçiliksiz Tañry bilen aragatnaşyk saklaýar.
2) Tañry başga galaktikalarda, başga planetalarda örän sagdyn (añ-düşünjeli) janlylar ýaradypdyr.
3) Olardan käbirleri dünýämizde ýaşaýyş, janly tebigata bolan göreşleri alyp barýarlar (goramak manysynda).

Bilgiç (Wanga) Ýer-şarymyzda entegem gumanoidleriñ barlygyny, olary duýýandygyny we ''görýändigini'' aýdýar. Olary şu şekil-surat bilen däl-de, has ösen bir energiýa hökmünde düşündirýär. Yşyk, ýagtylyk hökmünde. Bular yşyk saçan nokatjyklara we üst-üstüne düzülen ýagty saçýan yşklara meñzedýär. Kä wagtlaram bir üzüm salkymy ýaly biri-birine ýakyn we jadylaýjydyr (özüne çekiji). Olaryñ görnüşleri hakda sungat işgäri bolan bir tanşy Peter Bakowa şeýle diýipdir: ''Maña ýalan sözleme, saña görünýärler, olary görýäniñi bilýärin. Ýöne olary meñ görüşüm ýaly görnüşde görüp-görmeýäniñden ynjalyksyzlanýaryn.
Sebäbi meñ ýanymda wagtlary (olar, ýagny gumanoidler), ýagty saçyp duran nokatjyklara meñzeýärler. Üst-üstüne bolup durýarlar. Edil balyk teññeleriniñ düzülip durşy ýaly energiýadyrlar.
Señ ýanyñda ýagty üzüm salkymy ýaly bolup görünýärler, şeýle gerek? Üst-üste we setir-setir. Tañrym, bu nähili gözellik. welilik, welilik.
Oglum, bir gün bulary hemme görmedik-bilmediklere düşündirmelisiñ. Gözüñe görünen üzüm salkymlarynyñ gumanoidlerdigini yglan etmelisiñ. Yşyk dänejikleri… ýagtylyk…''
Wanga, ýakyn töwereklerde bizden öñe giden, akylly ýaradylanlar (gumanoidler) hakda aýdyp berýär: ''Bilýäñizmi dünýämiziñ daşynda birnäçe obýektler aýlanyp durýar. Kyrk ýyldan bäri söýgi bilen bakýaryn, ýöne men şeýle gudraty öñ görmändim. Indi bolsa olaryñ sanlaram köpelip gitdi.
(Filipow. ''Wanga daýza'' kitaby)
Ýokardaky jümleler 1991-nji ýylda aýdylanam bolsa, weli olar hakda 1979-njy ýylda Ýer şaryndan daşarda ýaşaýyş hakynda agzapdyr. Ýakyn töwereklerde Wamfim atly bir planetanyñ sessizleri hakynda şeýle diýýär: Olar parlaýan, balyk teññeleri ýadyña salýan eşikleri geýýärler, kä wagtlar biri elimi tutup öz ýerine äkidýär, ýyldyzlaryñ seçelenýän ýaly ýeriniñ üstünde ýöreýärin. Edil olary aýaklarym bilen basgylaýan ýaly, maña ýoldaş bolanlar böküp ýöreýärler. Olaryñ ýurdunda hemme zat ajaýyp, sözler o ýerdäki tebigaty taryp etmäge ýetmez. Ýöne bilmedim, näme üçindir hiç ýerlerinde öý görmedim…
(Stoýanowa. ''Wanga hakynda hakykat'' kitaby)

Liýana Antonowanyñ ''Köp ýüzli töwerek-daşdakylar bilen garşylaşma'' atly kitabynda, Ýerden daşardaky barlyklara duşan bir obalynyñ hekaýasy Wanganyñ gürrüñ beren gumanoidleri bilen birmeñzeşdir. Obaly Ýakimow ''Uly Köpek'' ýyldyzlar toparyna degişli Wamfim we Wimfam planetalaryndan gelen kümüşsow we parlak reñkli geýim içindäki barlyklara duşupdyr. Ýaşaýan ýeriniñ ady Klýuç (türkmençe manysy: Açar) obasy hakda, Wanga; dartgyn energiýaly, gizlin we syrdan doly bir ýerdigi hakda aýdypdyr. Bu obalynyñ aýdanlarynyñ birnäçesiniñ dogrumy-ýalñyşmy, muny aýtmak kyn, ýöne aýdanlaryna ünsüñizi çekip ýorumy size galdyrýarys.

Ady agzalan ''Uly köpek'' ýyldyz topary, Sirius A we Sirius B-den ybarat ýyldyzlar toparydyr. Käbir medeniýetleriñ keramatly ýazgylarynda aýdylýan bir ýyldyza, ýagny Siriusa möjek ýa-da köpek (it) bilen baglanyşykly düşünjeler döräpdir.

- Hytaýýñ urp-adatlarynda Sirius ýyldyzy ''gök köşgüniñ'' goragçysy ''gök möjek'' diýip hasap edipdirler.
- Grek (ýunan) mifologiýasynda Sirius köpek ýyldyzy hökmünde atlandyrylýar. Sirius ýyldyzynyñ ýerleşen ýerindäki ýyldyz toplumyna bolsa ''Uly köpek'' ýyldyz toplumy diýip atlandyrypdyrlar.
- Pers adatlarynda hem Sirius ''Köpek ýyldyzy'' diýilýär eken.
- Gadymy Müsürde Sirius öñler uly köpek bilen baglanyşykly bolupdyr. Zenan tañry Isis bir köpege münüp duran şekilde şekillendirilipdir.

Gadymy Müsürde möjek Sirius B, tañry Osiris bilen baglanyşykly görlüpdir.

- Demirgazyk Amerikadaky gyzyltenli (indeý) taýpalarda hem Sirius köpek ýa-da möjek diýip atlandyrylypdyr.

Görşüñiz ýaly gadymy dünýäniñ köp ýerlerinde, döwür-döwür geçen medeniýetleriñ mifilogiýasynda ýerleşen älemdäki Sirius ''köpek'' ýa-da ''möjek'' bilen baglanyşyklydyr. Bu ''paradoks'' üçin kellämize gelen iñ mantykly açyklama : atalarymyz Sirius ýyldyzyndaky medeniýet bilen aragatnaşyga geçendikleri hakdaky çaklamalardyr. Bu açyklama şaýatlyk etjek göze görnüp duran delili Afrikaly Dogon taýpasynyñ milliýetinde saklanyp galypdyr.

1930-njy ýyllaryň başlarynda etnologik gözlegleri geçirilende şol taýpanyň totemleri tapylýar we inisiasion netijeliginde urp-adatlaryny sorag-ideg bilen geçirýärler. Afrikanyň Mali respublikasynda 250.000 ilatly taýpa halkynyň astronom ylmyna ökdeligi, aýratynam Sirius sistemasy hakyndaky maglumatlary astronomşynaslary haýrana goýupdyr. Çünki olaryň berýän maglumatlarynyň birnäçesi soň modern astronomik gözleglerde äşgär dogry bolup çykypdyr. Bu taýpa halky bolsa, atalarynyň gadymdan bärem bu ylmy bilýändiklerini aýdypdyrlar. Dogonlaryň teleskopsyz zatsyz älem-giňişligine akyl ýetirmeleriniň içinde Saturnyň halkalaryny, Ýupiteriň hemralaryny, Sirius bilen baglanyşykly bolsa onuň ýyldyzlar toplumynda ýerleşýändigini, biri-birleriniň daşynda 50 ýylda bir aýlawyny, biriniň göz bilen görülmez, kiçi we örän agyrdygyny teleskop bilen göreniňde-de kömegi degermikä?
''Trud'' gazetinde habar berilmegine görä bilgiç (Wanga) gumanoidleri şu şekilde gürrüň berýär: ''Bizden biraz iri towuk tüýlerine meňzeş örtükleri bar, ellerinde uly kitaplar (tablo) we ş.m. zatlar göterýärler, kesellilere kömek etmek üçin gelýärler''. Gumanoidlere degişli aýdýanlaryna seredeniňde bilgiç şolar bilen baglanyşyk saklaýandyr diýip çak edýäris.
Soňky ýyllarda bir näçe adamlaryň gumanoidler tarapyndan alynyp gidilme (äkidilme) wakalary, habarlary köpeldi. Birnäçe adamlar alynyp gidilendigini we başga planetalylaryň gämisinde amaly barlaglary geçirilendiklerini açyklaýarlar. Amerikanyň harby howa güýçleriniň habarlaşma boýunça baştutany general Albert M. Çopuň aýdanlary düşnükli bolsa gerek: ''Başga planetaly barlyklar tarapyndan syn edilýäris we kontrol edilýäris''. Gürrüňimizi alynyp gidilme wakasy bilen dowam etdireliň…
Bir waka 1961-nji ýyda ABŞ-nyň New Hampşire diýilýän ýerinde bolup geçýär. Ol wagtlar ''magdurlar'' maşgalasynyň är-heleýi Betty Hill 41, Barneý Hill bolsa 39 ýaşyndadylar. Bu maşgala Waýt (White) daglaryndaky US-3 garaýolundan New Hampşiredäki öýlerine barýardylar. Betty yzgytsyz bir şekilde hereket eden reňkli yşyklarda ýagty (çyralar) saçýan jisime gözleri

düşüpdir. Jisimiñ nämedigini anyklamak üçin ulaglaryny saklap bir näçe minutlap dürbi bilen seredýärler. Ulagdan çykyp bu näbelli jisimi synlap durkalar ol özlerine tarap golaýlap gelýärdiler. 150 metr daşlykdaky bu näbelli jisim disk şeklinde bolup penjirelerem bar eken. Içinde uniforma meñzeş geýimli jandarlar bardy, özleriniñem arkasynda barlag üçin göterýän panelleri görünip durdy. Şok bolan maşgala ulaga tarap ylgaşlap halas bolmaga çalyşypdyrlar, ýöne olar şondan soñ özlerini ýitirip, soñky gezek ýatlaryna düşýän ''bip'' sesi bolupdyr. Özlerine gelen wagtlary öñki duran ýerlerinden 55 km uzaklykda durandyklaryny bilip galdylar, hiç zat ýatlaryna düşenokdy, sagatlary hem durup galypdyr.
Öýe birahat bolup gelen är heleý bolup geçen waka hakda gürrüñ berýär, Betty soñ gören jisimi bilen baglanyşykly düýşleri görüp başlaýar. Düýşleri sebäpli ugry gaçan Betty özüne gipnozçy çagyrdypdyr.
Bostonly meşhur psihiatr doktor Benýamin Simona ynanyp özlerine gipnoz edilmeklerini haýyş edýärler. Synanyşylan birnäçe seansyñ netijesinde ikisem aýry-aýry wagtlarda äkidilip ýene getirlendigini aýdýardylar. Olar adamsypat uly we çekik gözli, ownuk-uşak zatlardy. Barneý gasyklaryñ töweregine bellik üçin bir zatlaryñ goýlandygyny, aýaly göbegine uzyn iññeleriñ sanjylandygy ýatlaryna düşýär.
Özünde bir hili göwrelilik testini barlap görendiklerini aýdýardy. Başga bir gipnoz wagtynda Betty özüne bir ýyldyz kartasynyñ görkezilendigi hakda aýdypdyr. Ylym boýunça gözegçileriñ iñ köp ünsüni çeken dünýäniñ otuz ýyllyk yşyklylygynyñ tizligi ýaly aralyk uzaklykda ýerleşen Zeta Retujili ýyldyz sistemasyny görkezen 1969-njy ýylda basylan katalok karta çykýança bilinenokdy, ýagny Betty bu ýyldyz kartanyñ neşir edilmezinden 8 ýyl öñ bilýärdi. Bir maşgalanyñ aýdanlarynyñ dogrulygy ýa ýalanlygy geçirlen testlerde subut edilendir.
Alyp gidilme wakasy derñew üçindi. Hasaba alynan başga birnäçe şolar ýaly wakalaryñ derñelmegine görä jan-saglyk üçin edilýär eken. Muña mysal hökmünde bir wakadan soñ kinofilme düşürilen professor Şalter we oglynyñ 1988-nji ýyldaky (başga

planetalylar tarapyndan) äkidilmegini görkezse bolar. Şol äkidilenlere bolsa testler geçirlipdir. Öýe dönenlerinden soñ ataly ogluñ süññünde saglyk alamatlary peýda bolupdyr. Bu äkidilen ataly-ogul, olaryñ gowy niýetlidiklerini aýdýardylar we bir sebäplere görä olar bilen gatnaşyga geçipdirler.
Adamzat doglany bäri özüne: ''Ýer şaryndan äkdilýänler köpelýär, NUO (UFO) wakalary hem bar, eger şeýle bolsa başga planetalarda nämeler bolup geçýär?'' diýen soraglaryñ jogabyny aljak bolýarlar. Dogrusyny aýtsak älem giñişligine çykan astronomlaryñ örän gorkunç barlyklar bilen garşylaşandyklaryny habar berýärler. Halklardan ogryn saklanan wakalaryñ orta çykmasyndan soñra uçan kosmos ekipajlarynyñ galýusinasiýa görendiklerini we şuña meñzeş açyklamalar çykarmaga çalyşýardylar. Ylymly adamlaryñ ş.m. habarlara gülkileri tutýardy, ýöne ''Rus salýut'' 7 ekipajar 1984-nji ýylda älem giñişligine syýahat edenlerinde 155-nji günlerinde garşylaşan barlyklardan soñ gülmäge mejaly bolmady. Kümüşsow reñkde birden garşylaryna çykan güýçli ýagtylygyñ garşysynda görüş ukybyny ýitiren Oleg Atkow,"Wladimir Solowýow we Leonid KIm atly kosmonawtlar merkeze näbelli ýangyn we partlama bilen baglanyşykly habarlary berdiler. Belli wagtdan soñ yşyk körelip başlanda olaryñ göreçleri ýitileşip ýer şaryna täze bir habar ugratmaly boldular. Kosmos gämisiniñ ýakynynda adam ýüzli we endamyna galtaşan 7 ganatly jandary (perişde diýlipdir) görüpdirler. Arkalarynda ganata meñzeş çykyklaryñ görünýändigi aýdylan barlyklar 10 minut boýunça kosmos gämisiniñ uçuşynda ýoldaşlyk edipdirler, soñam zym-zyýat bolup ýitip gidipdir. Merkeziñ bu şok ediji habaryndan soñ wakany astronawtlaryñ ýadawlygynyñ netijesi diýip ýorumlapdyrlar. Bu beýle ap-añsatja aýdylan zat hem däl. 167 günde ekipaja 3 astronawt ýene goşulşypdyr. Swetlana Sawitskaýa, Igor Wole we Wladimir Janibekow atly kosmonawtlar gelenlerinde öñki görünen zatlar täzeden görünipdirler. Ýene şol kümüşsow ýiti yşyk we täsin ganatly barlyklar bu sapar 6 kişi tarapyndan synlanylypdyr.
Amerikan astronawtlary hem şoña meñzeş zatlary görendiklerini we hatda Hubble älem teleskopunda görendiklerini bellige

alypdyrlar.
Hubble taslamasynyñ işgärleriniñ biri Jon Priçers ( John Preachers) käbir suratlarda 20 metr ululykda yşyk saçýan ganatly barlyklary gözde aýyrt edilendigini açyklapdyr.
Ýer şaryndan daşary barlyklaryñ gözleglerine degişli maglumatlar her sapar gizlin tutulýar, şo sebäpdenem adamlaryñ köpüsi şübhe içindedirler (so mneniýa).
Wanga bizden tapawutlylykda eýýamymyzyñ uly sensasiasyna düşüren gumanoidleriñ barlygyna degişli hiç hili şübhä düşenok.
Wanga tanşy (dosty ýaly manyda) Petor Bakow bilen söhbetdeş bolanynda ýygy-ýygydan ýer şaryndan daşarky ýaşaýyşlar hakda gürrüñler edipdirler. Şahyryñ aýtmagyna görä, her dürli planetalarda janlylar ýaşaýar. Biz ýer şaryndakylar üçünji ýerdediris. Iñ ýokarky ýerdäkiler (''Ýer şary'' diýip düşünmeli däl, rusça – mesta) ýakynymyzdaky Gara planeta, ýagny Eflatun (Platon) planetasyndan bolanlardyr. Olar 7-nji ýerdedirler. Ýigrimi altynjy ýerden başlap Ýaradyjy bilen gönümel kontakta girip bolar, otuz üçünji ýere barylyp ýetilende oñ bilen gatnaşyga geçip bolar, şeýlelikde ýaradyja her näçe has köp wagt gidirilse, ol şonça-da şol bir durkuny saklar.

Renan SEÇKIN.

Terjime eden: PEŞEÑ ogly Afrasyýap. Geň-taňsy wakalar